# Çöle çyksam…

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Çöle çyksam… ÇÖLE ÇYKSAM…

Çöle çyksam, çöl meñzeýär ummana,
Çöle çyksam, gözüm gidýär her ýana.
Giñ çöllere bakan gözüm eglener,
Çöl aşykdyr zähmetsöýer ynsana.

Çöle çyksam, geýer mele sowsany,
Hezzet eder gülleriniñ gowsuny.
Giñ çöllere bakan gözüm eglener,
Çöl görnüşi atar maña owsuny.

Çöle çyksam, gökde durmaz baz eder,
Bulut geler, ýagmyr ýagar, ýaz eder.
Giñ çöllere baksam gözüm eglener,
Çöle çyksam, gargy tüýdük saz eder.

Çöle çyksam, aýdym aýdar ýelleri,
Çöle çyksam, çemen berer gülleri.
Giñ çöllere bakan gözüm eglener,
Çöl gelşigi çopan bilen mallary.

Magtymguly MYŞŞYÝEW.

# «Köpetdagda bahar», 1961 ý. Goşgular